# STANDART, hil we howpsuzlyk

Esaslandyryjysy — «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy

№3
2023

YLMY-TEHNIKI ŽURNAL
НАУЧНО-ТЕХНИЧЕСКИЙ ЖУРНАЛ
SCIENTIFIC AND TECHNICAL MAGAZINE



*Süleýman GURBANÝAZOW,*
*Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň ylmy işgäri*

# MILLI KANUNÇYLYK: azyk howpsuzlygyny üpjün etmek

Türkmenistan azyk howpsuzlygyny üpjün etmek bilen bagly meseleleri çözmekde ýurt derejesinde hem-de sebitde uly işleri amala aşyrýar, şeýle hem sebitleýin taslamalary goldaýar.

Azyk howpsuzlygy ýurduň azyk garaşsyzlygy, ýaşaýyş üçin wajyp iýmit önümleriniň we çig malynyň öndürilmeginiň zerur derejesi üpjün edilýän, şeýle hem işjeň, sagdyn durmuş üçin zerur bolan mukdarda azygyň ähli ilat üçin fiziki hem-de ykdysady taýdan elýeterliligi kepil geçilýän mahalyndaky döwletiň ykdysadyýetiniň ýagdaýydyr. Azyk howpsuzlygyny üpjün etmek azyk ýetmezçilikleriniň öňüni almaga, iýmitlenmegiň rejeli kadalaryna laýyklykda ilatyň ýaşaýyş üçin wajyp iýmit önümlerine we iýmit çig malyna bolan zerurlyklaryny kanagatlandyrmaga gönükdirilen ykdysady, guramaçylyk-hukuk we beýleki çäreleri işläp taýýarlamak hem-de amala aşyrmakdyr.

«Azyk howpsuzlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny 2016-njy ýylda kabul edildi. Kanun döwletiň ykdysady howpsuzlygynyň düzüm bölegi bolup durýan Türkmenistanyň azyk howpsuzlygyny üpjün etmek babatda döwlet syýasatynyň esasy ugurlaryny kesgitleýär, şeýle hem raýatlaryň peýdaly we talabalaýyk iýmitlenmäge bolan hukugyny durmuşa geçirmegiň kanuny esaslaryny belleýär. Resminama III bapdan we 19 maddadan ybarat.

Azyk howpsuzlygy hakynda kanunçylyk Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we degişli Kanundan hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr.

Azyk howpsuzlygynyň üpjün edilişine döwlet gözegçiligi şu Kanunyň talaplaryny berjaý etmek, azyk howpsuzlygyny üpjün etmegiň döwlet maksatnamalaryny ýerine ýetirmek we ilaty ýaşaýyş üçin wajyp iýmit önümleri hem-de iýmit çig maly bilen üpjün etmek boýunça çäreleri iş ýüzüne geçirmek maksady bilen amala aşyrylýar.

Döwlet azyk ätiýaçlygy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ilaty ýaşaýyş üçin wajyp iýmit önümleri we iýmit çig maly bilen durnukly üpjün etmek, bu babatdaky ýüze çykmak töwekgelçiliklerini azaltmak maksady bilen döredilýär.

**EDEBIÝAT**

*1. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy — A., TDNG, 2022. 2 s.*

*2. «Azyk howpsuzlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2016 ý.*

# HALK MASLAHATY – DEMOKRATIÝANYŇ DABARALANMAGY

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 3-nji maddasyna laýyklykda, ýurduň özygtyýarlylygy halk tarapyndan amala aşyrylýar. Halkyň bu wajyp konstitusion ygtyýarlyklarynyň durmuşa geçirilmegini gazanmak maksady bilen döredilen we bähbitlerine wekilçilik edýän, «ýokary wekilçilikli edara» diýlip hukuk ýagdaýy kesgitlenen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň 24-nji sentýabrda geçirilen mejlisinde il bähbitli, ýurt ähmiýetli, döwletli çözgütler kabul edildi. Golaýda geçen Halk Maslahaty Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň taryhyna halkymyzyň agzybirliginiň we jebisliginiň, Garaşsyz, Bitarap Watanymyzyň saýlap alan parahatçylyk söýüjilik, döredijilik, ösüş ýoluna pugta ygrarlydygynyň aýdyň nyşanlarynyň ýene birine öwrüldi.

Türkmenistanyň konstitusion gurluşyna mahsus özboluşlylyklaryň hatarynda milli demokratik ýörelgäniň beýany bolan Halk Maslahatynyň hukuk ýagdaýy mynasyp orun tutýar. Çünki Halk Maslahatynyň işiniň mazmunynda halk häkimiýetliligi, ýagny döwlet özygtyýarlylygynyň halkyň özygtyýarlylygyna esaslanmagy, döwletiň halk döwleti bolmagy, döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk çeşmesiniň halk bolmagy, döwlet häkimiýet edaralarynyň ulgamynyň deňagramly, sazlaşykly, utgaşykly işlemegi, adamyň jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy hökmünde görülmegi, döwletiň syýasy gurluşynyň demokratiýa esaslanmagy ýaly ýörelgeler aýdyň şöhlelenýär. 2023-nji ýylyň 21-nji ýanwarynda döwletlilik, kanunylyk, milli demokratik ýörelgelere esaslanmak arkaly Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň döredilmegi ýurdumyzyň durmuşynda aýratyn taryhy waka boldy. Täze özgertmeler yglan edilip, ýurdumyzyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi, döwletiň wekilçilikli häkimiýet edaralarynyň işi döwrebaplaşdyryldy. Şol gün «Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň kabul edilmegi bu ugurda ýene bir möhüm taryhy waka boldy.

«Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynda bu ýokary wekilçilikli edaranyň ýurdumyzy ösüşiň has ýokary derejelerine çykarmak üçin ählihalk hereketini ýaýbaňlandyrmak, jemgyýetçilik-syýasy, durmuş-ykdysady, medeniynsanperwer we kanunçylyk-hukuk ulgamlarda täze sepgitlere ýetirmek, iň täze taryhymyzda gazanylan üstünlikleri wagyz etmek maksady bilen döredilýändigi bellenilýär.

Ýeri gelende, degişli Kanunyň kabul edilmeginden soň ilkinji gezek geçirilen Halk Maslahatynyň mejlisi halk häkimiýetiniň milli nusgasynyň, halkyň müňýyllyklara uzaýan taryhy ýolunda döwlet gurluşy we dolandyrylyşy babatda toplan tejribesiniň dabaralanmasy we ata-babalarymyzdan miras galan milli demokratiýanyň kämil nusgasy bolup ör boýuna galdy.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen binýady tutulan, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň üstünlikli dowam etdirýän demokratik ýörelgeleri durnukly durmuş-ykdysady ösüşleri, il-halkyň bähbitlerini, abadançylygyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Şeýle netijeli işleri üçin halkymyz hormatly Prezidentimize, Milli Liderimize çäksiz alkyş aýdýar.

**EDEBIÝAT**

*1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. 3-nji madda. A., TDNG, 2015 ý.*

*2. «Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanuny. «Türkmenistan» gazeti. 2023-nji ýylyň 22-nji ýanwary.*

*Gülsenem HOMMADOWA,*
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara hukugy we deňeşdirme hukuk öwreniş kafedrasynyň öwreniji mugallymy.*